Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan döwlet syýasaty netijesinde ata Watanymyzda ýaşlaryň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri ugrunda taýsyz tagallalar amala aşyrylýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar— Watanyň daýanjy» atly ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan syzylyp çykan ajaýyp kitabynda hem ýaşlaryň ähli ugurlarda öňdebaryjy, göreldeli bolup ýetişmekleri ugrunda edilýän tagallalar dogrusynda örän jaýdar bellenilýär.



Şu parasatly başlangyçlardan ugur alnyp ýurdumyzda terbiýeli, edermen, ylym-bilimden ýüki ýetik, Watana gerekli ýaşlary terbiýeläp ýetişdirýän Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetimizde «IUHD HUB» atly täze zolak döredildi. Bu zolakda talyp ýaşlaryň okuwdan boş wagtlaryny gyzykly we peýdaly geçirmeklerini gazanmak maksady bilen giň mümkinçilikler döredilendir. Şolaryň hatarynda okalga, döredijilik, sanly ulgam we dynç alyş zolaklaryny görkezmek bolar. Bu zolaga gelýän talyp ýaşlar dürli dillerde neşir edilen ajaýyp çeper we publisistik eserleri okamaga, döredijilik bilen meşgullanmaga, iň kämil multimedia enjamlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik gazanýarlar.

Все права защищены



Gahryman Arkadagymyzyň «Öňde goýlan belent maksatlary durmuşa geçirmekde men esasy umydy  ýaşlarymyza baglaýaryn. Sebäbi ýaş nesiller biziň ähli umyt-arzuwlarymyzy geljekde amala aşyrmaly. Biziň häzirki döwürde amala aşyrýan işlerimiz ýaşlarymyz üçin edilýär. Olaryň köpüsi Garaşsyz Watanymyz bilen ýaşytdaş. Ýakyn wagtda olar eziz Diýarymyzyň kämil raýatlary bolarlar, biziň bellän wezipelerimizi işjeň durmuşa geçirmäge gatnaşarlar. Şeýle hem Garaşsyz döwletimiziň geljekki ösüş ýoluny olar kesgitlemelidir» diýip belleýşi ýaly, biziň ýaşlarymyza ynamymyz uly. Olaryň döwre, Watana gerekli ynsanlar bolup ýetişmekleri bolsa biziň ýokary okuw mekdebimizde alnyp barylýan her bir işde aýdyň duýulýar. Professor mugallymlar talyplaryň öz hünärine ussat, kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri ugrunda yhlasyny gaýgyrmaýarlar. Olaryň boş wagtlaryny netijeli we peýdaly geçirmekleri üçin hem birnäçe gurnaklary, ders hepdeliklerini yzygiderli geçirip, talyp ýaşlar bilen ýakyn aragatnaşykda bolýarlar.

Все права защищены



Türkmen halkyna asuda, parahat durmuşda ýaşamaga, ýaşlara okamaga, öwrenmäge, hünärlerini kämilleşdirmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, tutýan tutumly işleri rowana ýollarda rowaçlyklara beslensin.

**Gözel PIRMUHAMEDOWA**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň**
**Žurnalistika kafedrasynyň müdiri, uly mugallymy**

Все права защищены